# Üç tussagyň ýatlamalary-20/ romanyň dowamy

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Romanlar,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Üç tussagyň ýatlamalary-20/ romanyň dowamy HAKYKAT

Ýumak çöşlendigiçe, Kümüşiň Gurbangulynyň gyzydygy anyk bolýar. Çopan, «Gör, bu pelegiň gerdişini, men nire, siz nire» diýip ol ümsümligi bozdy. Kümüşiň iki ataly boljagy bar eken, şol hem bizi şu gyşlaga göçüp gelmäge mejbur edipdir. Bu Biribaryň işi, edenine şükür. «Inim Gurbanguly, hälki deliller Kümüşiň hakykatdan-da seniň gyzyňdygyny tassyklaýar» diýende Gurbangulynyň ýüregi çalt urup, göwresi diýen etmän, zordan aýak üstüne galdy. Ol maňlaýynda jemlenen sowuk deri ýaglygy bilen süpürdi, soň Hakberdi aganyň elinden tutup, ony aýak üstüne galdyrdy. Ony gujaklap, men gaýyn enemiň diýenlerine biperwaý garadym, ikirjeňlendim, ynanmandyryn. Sebäbi adam-adama meňzeş, ýurt-ýurda, ýöne indi ynandym. Hally hem Kümüş dakylan bu gyzyň indi iki atasy hem iki ady bar. Goý, toý üstüne toý bolsun, diýip Gurbanguly şatlygyny ýüze çykardy.
Ýatlamalar esasynda Kümüşiň Gurbangulynyň gyzydygyny anyklanandan soň, toýy dowam etmelimi ýa-da ýok diýen sorag ýüze çykdy. Bu soraga oturanlar jogap tapman ýaýdandy. Ýagdaýdan çykalgany ümsüm oturan Hally mama çözdi. «Toýy ýatyryp bolmaz, toý dowam etsin, eger biz toýy goýsak, onda Kümüşiň abraýyna kesek atdygymyz bolar. Soňam daşdan-ýakyndan gonak bolup toýa gelenler bar, olara näme diýjek. Şonuň üçin ähli edilmeli işler öňden bellenilşi ýaly, ýerine ýetirilsin».
Bu gepe Gunça «Toýy dowam etsek, çykdaýjymyz köp boljak. Biziň bilen iliň näme işi bar, toý goýuldy diýmeli, wessalam ilem ony geň görmez» diýdi. Onýança Gurbanguly:
«Gunça, sen sokjama, senden akyl soraýan ýok, eýýäm gazanlar atarylyp, etler gaýnap dur. Bu ýagdaýda toýy goýup bolmaz. Toýy goýsak, hemmämiziňem abraýymyz üçin gowy däl» diýdi. Gunça äriniň gatyrganmasyna tasanyp, sesini çykarman, turmak

bilen boldy.
Gurbanguly baý arçyndy-da, söze başlady: «Toýy dowam etdireris, ýöne biz Kümüşi alyp gaýtmarys. Toýuň çanagy alnandan soň, jar gygyrdarys. Şonda jarçy halaýyga bolan wakany aýdyp berer, oňa çenli hiç kimden ses çykmasyn» diýende, oturanlar sen mamla diýişdiler.
Şondan soň bular diýlenleri bir ýere jemläp, işli-iýine ugradylar.
Hakberdi çopan öýüne ugrandan soň, Gunça ýene içeri girdi. Onuň ýüzi-gözi ýagtylypdyr. Megerem äriniň gatyrganmasy ýadyndan çykan bolara çemeli. Ol oturansoň, Hally mamanyn ýüzüne seredip, «Bu wakany Döwletgeldä kim aýdar». «Ony atasy aýdar» diýende, Gurbanguly «Bar, Gunça, ogluňy şu ýere çagyr, ony özüm aýdaryn» diýdi. Enesi oglunyň bolýan tamynyň gapysynyň ýanyna baranda, oglunyň deň-duşlary bilen gülşüp oturanyny eşidýär. Gunçanyň gulagyna «Ädigiňi çykaranda daraklygyňy ýygryp, ädigiň çykmasyna päsgel ber» diýlen sözler ilende: «Eý, Allam, özüň kömek et!» diýip ýakasyny tutdy. Birsalym içeri girmän sägindi. Soň gapyny açyp ýuwaşjadan: «Döwletgeldi, ataň çagyrýar» diýip seslendi-de, yza dolandy.
«Bolar, häzir bardym. Ol: «Irden atamyň menlik näme işi çykdyka» diýip içeri girdi-de, salam berdi. Oturanlar salamyny aldy. Şondan soň atasy oňa otur diýen yşaraty etdi.
Döwletgeldi atasynyň diýenlerini düýşünde eşiden ýaly duýdy. Birden ýylgyrdy «Ata, siz özüňiz eşitdiňizmi, ýa-da däliräp daga eden dälsiňiz?» diýip, başyny aşak saldy.
«Ýok, oglum, entek kelläm ýerinde, ynsan soraşa-soraşa, haýwan ysgaşa-ysgaşa diýenleri. Soraşmak arkaly Kümüşiň hut meniň öz gyzymdygyny anykladyk. Ynansaňam, ynanmasaňam bu hakykat, sen bu hadysa gynanma-da begen, çünki seniň ýene bir gyz doganyň dünýä indi.
Bu täzelige özüni ýetiren Döwletgeldi häli enesiniň, häli Hally mamanyň ýüzüne seredip, olardan hemaýat isledi. Oturanlardan hemaýat bolmansoň, ýüzüni segsen ýuwlan ak mata ýaly edip, haşlap oturdy. Ol Kümüş bilen ata bile, ene başga dogandygyny bilende, söýgi daragtynyň pudarlanandygyna göz ýetirdi. Hally mamanyň: «Oglum, sen ynjama «Ene gap, ata sap»

diýipdirler. Ikiňiziň süýtdeş bolmasa-da, ata bile dogandygyňyza şu oturanlar şaýat. Dogan-dogany sylamaly, dünýäde gyz gyt däl, işallasa, Alla saňa bir perizady duçar eder. Seniň Kümüşe aşyk bolşuň, biziň guda bolşumyz, gör, nämeleri ýüze çykardy. Gyzyň öz atasyna duşjagy bar eken. Eger sen sebäp bolmadyk bolsaň, gyzyň çözgüdi gömlüp galardy. Biz onuň didaryny görüp bilmezdik» diýdi.
Hally mamanyň bu sözleri ýürekden syzdyrylyp aýdylan-da bolsa, jümleler Döwletgeldä täsir etmedi. Oňa bu diýlenler gyjyt berlene meňzeşdi. Bu gepler oglanyň öňem köräp duran ýüregine ýerýag damdyrdy (Kerosin). Entegem ol bu gudrata ynanmazlyk edýärdi. Döwletgeldi rugsat soramazdan, turup waz ýasady. Ol şol gidişine dostlarynyň ýanyna-da barman, howlynyň ikinji hanasyndaky üçege çykdy. Eger ony mallara seredýän ýetim görmedik bolsa, tapmak kyn düşerdi…
Üçekde ýatan ýerinde jarçynyň Kümüş barada gygyran täzeligini gulak gabardyp diňledi. Şondan soň birneme köşeşdi, dogrudan-da şeýle ahwalat bolupdyr diýen netijä geldi. «Gaýtam men öz doganyma öýlenen bolsam, o-da ýüze çyksa, iliň içinde nädip gezerdim» diýip içini gepletdi. Şol wagtam daýysy üçegiň gapysyny kakdy. Ses çykmansoň: «Men daýyň, gapynyň temmesini aýyr» diýip buýruk berdi. Döwletgeldä gapyny açmakdan başga çykalga galmady. Gapy açylandan: «Ýegen, sen näme dälirediňmi, öz esdiňdemi? Bu bolşuň welin, ata-eneňi masgara etmekden başga zat däl. Sen gaýtam begen, eger şu syr aýan bolmadyk bolsa, sizden on iki synasy sagat çaga dogulmazdy. Hany aşak düş, entegem seniň bu taýa çykanyňy Nobatgeldi görüpdir. Ýogsa, seni tapybam boljak däl eken» diýdi. Döwletgeldi diýdiňmi-diýmediňmi diýmän merdiwanyň zinelerine ýapyşyp pişigiň çaltlygynda ýere düşdi. Diňe şonda: «Bu bolan waka meniň üçin masgaraçylyk, köpçülige çykarlygym galmady. Her ýeten meni barmagy bilen görkezer» diýip, daýysynyň ýüzüne çiňerildi. «Ýok, ýegen, masgaraçylyk däl, tersine, toýçylyk. Hany, ýör, ir günümizi giç etmän, ata-eneň ýanyna baraly. Olar tirkeşip, öýe girenlerinde, öýde ene-atasy bilen Hally mama üçüsi hümürdeşip, bir zady ara alyp maslahatlaşýan ekenler. Olar bilen gepleşmezden, daýy-ýegen dula geçip oturdylar.

Gurbanguly: «Döwletgeldi, sen erte Pakistana gidersiň, daýyň ýanyňda, harytlar maşyna ýüklendi. Zadyňyzdan ägä boluň, nirä harydy tabşyrmalydygyňyzy, deregine näme almalydygyny daýyň bilýär» diýensoň, Döwletgeldi sesini çykarman, öz tamyna baka gönükdi. Tamyň gapysyny kiltlänsoň, bagryny ýere berip ýatdy.

## II BAP. IKI ATANYŇ BIR GYZY

Hakberdi çopan Gurbanguly baýyňkydan meseläni aýyl-saýyl edip, öýüne baranda, gazanlar atarylyp, ojaklarda ot çabraýardy. Ol toýuň dowam etjegine begenýärdi. Çopan öýe girenden äriniň ýüzüne jikgerip sereden Bosdan, onuň ýüzünde galagoplulyk duýmady. Gaýtam onuň ýüzi ýagty, keýpi kökdi. Adamsynyň bu bolşuna Bosdanyň göwrümi giňedi. Sebäbi çopan baýlara gideli bäri «Näme habary barka, eýgilik bolabersin, şum habar getirmese ýagşy» diýip, oturara ýer tapmaýardy. Gelni gaýyn enesiniň bu bolşuny geň görüp, ondan gözüni aýyrmaýardy.
Hakberdi öýe girip, törde arkaýyn aýbogdaş gurap oturansoň, gelni saçak ýazyp, öňüne çaý goýdy. Çäýnegi öňüne tartyp, çaýy birki ýola agdaransoň, käsä guýup içmäge başlady. Ol ondan-mundan gürrüň gozgaman dymyp oturdy. Çopan gelniniň daşa çykaryna garaşdy, emma gelni çykar ýerde çykmady, çyk diýmegi-de birhili gördi. Bu bolşuna sabyr käsesi püre-pür dolan Bosdan azgyryldy, sesine bat berip: «Guda näme habar bilen çagyrypdyr, köp eglendiňiz, eýgilikmi?» diýip, gyjakçynyň ýüzi ýaly, ýüzüni bir tarapa sowdy. Onda-da Hakberdi çopan diýdiňmi-diýmediňmi diýmän, çaý içmesini dowam etdi. Soňra Bosdan özüni ýitirdi, näme samahyllanyny özäm bilmän: «Är aga, diliňi gömeýinden kesmedik bolsalar, aýdaýyň bir zatlar» diýip özelendi.
Çopan bu gepi gaty gördi: «Keýwany, heddiňi bil, heddiňden aşma, äriniň ärdigini bilmedik, Allanyň ýeke-täkdiginem bilmez, men seniň äriň dälmi?» diýdi. Yzyndanam: «Men seniň äriň bolsam, onda biraz sabyr et, «Sabyrlynyň soňy sary altyndyr» diýdi. Sen entegem meniň äriňdigimi ýadyňdan çykarma. Tasanmaňy goý, ýogsa, toýuň ýasa öwrüler» diýdi. Onda aýaly: «Atasy, ötüp geçiň, ümsüm oturşyňa durup bilmedim»

diýdi. Şondan şoň çopan rahatlandy, «Olar täzeligi özleri aýdar, onýança-da garaşarsyň, ili ynjalyga goýup bolmaz» diýenden soň ümsüm oturan gelin daşary çykdy.
Gelni daşary çykandan soň, çopan bolan täzeligi keýwanysyna beýan etdi. Bosdan aňk bolup dikilen agaja döndi. Ondan ne ses çykdy, ne-de seza. Ol indi gyzynyň elden gitjegine, ogluny ýene öýerip bilmejegine, toý üçin ullakan çykdaýjy bolanyna gynanýardy. Emma bu oý-pikirlerini ýüze çykarmaýardy.
«Atasy, Kümüşe näme diýeris? Entek oňa bu habary aýtma:ly, Gurbanguly bu barada halaýyga jar çekdirip aýtjak, hemmesi şonda belli bolar. Gyzymyzy olar haçan alyp gitjek? Ol barada biz hiç zat diýişmedik. Diýişmeli ekeni, atasy, ony ekläp-saklap, haçanda gyz ýetişende oňa ata tapylyşy täsin. Size-de «Ak girip, aň girmedik»* diýerler. Hiý ony apbak-çapbak etmän öýe gaýdarlarmy». «Gel, keýwany sabyr et, bu işleriň ahyry gelsin. Toýdan soň barysy belli bolar».
«Ýat itiň guýrugy ýamzynda» diýişleri ýaly, sizem guýrugyňyzy ýamzyňyza gysyp gaýdypsyňyz, biz bu gyşlagda ýat ahyry» diýip Bosdan igendi.
«Keýwany, sen aýnamaňy goý, meni nämelere deňäp ýörsüň, goý how, goý diýende, tiken bolup böwrüme dürtüldiň, gepiň ahyryny diňle. Men gaýta Kümüşiň hakyky atasynyň tapylanyna has begendim. Mundan buýana gyzymyza «Tapyndy» diýjek tapylmaz, diýeni şoldy içeri giren gelni Jemile «Günortan boldy, nämedir gelin alyjylardan habar ýok» diýip gaýnynyň gulagyna pysyrdady. Gaýyn enesinde bibada hüm alyp bilmedi. Ep-esli ümsüm oturansoň Bosdan, ýüzüni ak tam edip, sandyrowuk sesi bilen «Olar gelmesiz boldy, habaryny soň eşidersiň» diýdi. Gelni gepiň düýp teýkaryna düşünmän, öň etegini göterip, bir ylgawyna Kümüş dagynyň oturan tamyna bardy. Barandan «Betbagt ekeniň, jan baldyzym, baýlar sözünden dänipdir. Eý, Hudaýym, bu masgaraçylyk näme üçin biziň başymyza töňkediň» diýip ala-zenzele turuzdy. Bu habara Kümüşüň joralary ör turyp ahda-wah boluşdylar.
Kümüşden ses çykmady, duran ýerinde saň-gaty bolup galdy. Ol: «Bu masgaraçylyk meniň maňlaýyma näme üçin ýazyldyka, men näme günä etdim?» diýip oýlandy. Birden ýüregi çalt uryp, ýüzi

gyzaryp menek-menek hal atdy, soň hallar ýitip ýüzi agardy, agarma-da ýitip sary reňke geçdi. Gyz özüni ýere goýberdi. Titreýän elleri lypyrdaýan dodaklaryna ýetende ýuwaşjadan aglady, soň iki eli bilen ýüzüni tutup möňňürdi. Joralary «Ýer çekmişler, ady galmyşlar» diýip gyz aljak ýere gargadylar. Kümüş «Indi meniň ýüzüme gara tagma basyldy, bu dünýäde ýaşandan ölen ýagşy, şu gije asylyp ölerin. Ýa päkä, Perwerdigär-ä, özüňden medet» diýip içini gepledýärdi.
Bu habar çaltlyk bilen agyzdan-agyza geçip, toýa gelenleri ynjylykdan gaçyrdy. Şol wagt toýuň bekewüli toýuň dowam etjekdigini köpçülige duýdurdy. Toýa gelenler, bir-biriniň ýüzüne bakyşyp, bu ahwalata düşünmediler. Hakberdi çopan gyzyny ynjytmazlyk üçin Gurbangulynyň çekdirjek jaryna seretmän, köpçüligiň öňüne çykdy-da, «Halaýyk, gulak salyň, ýöne siz gyz almakdan Gurbanguly baý boýun towlandyr diýip düşünmäň, ýok, gyzym iki ataly boldy. Ol täzeden dünýä indi, arkaýyn toýy dowam ediň. Gurbanguly baý Kümüşiň hakyky atasy, men bolsa öweý atasy bolýaryn» diýende, bu habary derrew Kümüşe ýetirdilier. Kümüş törde doňan ýaly bolup otyrdy, onuň oý-pikiri diňe bu ýalançydan tizräk gitmekdi. Şonuň üçin jorasynyň «Saňa ýene ata tapylypdyr» diýen sözüne pitiwa bermän, öz oý-aladasy bilen boldy.
Bosdan daýzany «Jarçynyň gyzy Hakberdi aganyňkydan alyp gitjek dälmiş» diýen habary tolgundyrdy, gözüne ýaş aýlady, süňňi ýeňledi. Edil şol wagtam Kümüşi Durdymyrada bererin diýen niýet ýüze çykdy. Ol ýyljanaklap Kümüşiň ýanyna bardy, ony gujagyna basdy. «Gyzym, sen bagtly ekeniň, gör, bu pelegiň gerdişini, saňa «Tapyndy» diýdirmejek bolup, öz tirämizi taşlap, gör, nirelere göçüp geldik. Allanyň seni hakyky ataň, mamaň bilen duşurjak pursady ýetip gelen eken. Şol-da biziň ýüregimize gulaga salypdyr, soň biz göçmäge mejbur bolupdyrys, erte-birgün ataň daga gezmäge gideris, olar bilen içgin tanyşarsyň. Birki gije olarda bolarsyň, ataň, mamaň, eneligiň bilen gürrüňdeş bolarsyň» diýip gyzynyň geljekde bagtly boljakdygyny üstli-üstüne sugşurdy.
Gyzy özüni aşak goýberdi, enesiniň diýýänleri gyzynyň gulagyna siňegiň byzzyldysy ýaly hilleje eşidilýärdi. Kümüş bu sözlere

ünsem bermeýärdi. Diýilenler sag gulagyndan girip, çepinden çykýardy. Ol ne şatlandy, ne ýylgyrdy, ne hüm berdi. Kellesini iki dyzynyň arasyna sokup, elleri bilen dolap alan Kümüş göýä ýatan töňňä meňzäp oturan ýerinden butnamady.
Kümüşiň bolup oturşyna haýpy gelen jorasy onuň böwrüne hürsekledi. Kümüş ukydan oýanan ýaly, gözlerini petredip töwereginde dik durup, ony ikinji atasy bilen gutlaýan joralaryna seretdi. Ilki näme diýip, näme goýýanlaryna düşünmedi. Ol «Ata-da iki bolarmy?» diýip oýlandy. Soň ýaşlygynda özüne «Tapyndy» bular seniň ata-eneň däl, çölden tapylan gyz diýip at dakyşlary ýadyna düşdi. Eý, Allahym, bu ne gudrat, ýok-ýok bu bolup biljek zat däl diýip entegem özüne gelip bilmän ýaýdanýardy.
Kümüşiň oý-pikirlerini gülümsiräp içeri giren gelnejesi bir tarapa gönükdirdi. Ol «Geň-taň görer ýaly zat ýok, Gurbanguly baý seniň hakyky ataň, häzir Berdimyrat şolardan geldi. Gurbanguly aga jar gygyrdypdyr, özüniň alty aýlyk gyzyny çopan Hakberdiniň ölenleriň arasyndan tapyp, halas edendigi, ony ekläp-saklap ulaldandygyny, häzirki günde saý-sebäp bilen özüniň gyzydygyny bilendigini aýdýar. Ony terbiýeläp ýetişdiren Hakberdi aga, aýaly Bosdan daýza minnetdardygyny jarçy gygyryp ilata ýetiripdir. Jarçy Kümüşi ikinji atasynyňkyda galdyrjakdygyny-da gygyryp aýdypdyr».
Kümüş bu gepleri haýran galyjylyk bilen diňländen soň, özüniň Gurbanguly baýyň gyzydygyna şek ýetirip bilmändir. Dura-bara göwrümi giňäp, ýüzi ýagtylyp «Allaha şükür» diýip pysyrdapdyr.
Toý sowlandan soň Gurbanguly baý Hakberdi çopany öýüne çagyrdy. Onuň toýa çykaran çykdaýjysyny tölejekdigini aýdanda Hakberdi aga ony inkär etdi. Ol: «Menem entek açlygymdan öler ýaly däl, diýeniňe minnetdar» diýdi. Gurbanguly ondan tä ölýänçä hoşaldygyny, Kümüşi olardan alyp gaýtmajakdygyna söz berdi. Gyzyny gezmäge getirmeklerini hemmeler bilen tanyşdyrmagyny soradyk. Islese, näçe günläp bizde bolasy gelse-de, bolubersin. Gyzyň indiki ykbaly Hakberdi aga sizde, ony maňa geňeşsiz atasy hökmünde çözüp bilersiňiz. Şondan soň bu iki ata ömürlik dogan bolduk diýşip hoşlaşdylar.

JARÇY

Daň ýagtylandan Gurbanguly baýyň howlusy köp adamlydy. Ojaklara atarylan gazanlar hatara durdy. Olaryn daşynda aşpezler çarh urup aşlanýardy. Kömek berýänleriň biri suw getirse, ikinjisi ot ýakýardy, üçünjisi etleri gazana salyp, onuň gapagyny ýapýardy. Garaz toýuň nahary garmanyň taýýarlygy çalt depginde dowam edýärdi. Uly çäş galanda toýuň gidişine gözegçilik edýän bekewül, ýaryşlara ýolbaşçylyk edýän eminler, saçaklary elden geçirýän aýal böwürçi, çaý gaýnadýan çaýçy dagylaram geldi. Günortana ýakynlanda toýa çagyrylan halaýyk gelip başlady.
Günorta bolanda toýuň naharyny çekdiler. Nahardan soň omyn (töwür) edip, Gurbanguly baýa Nurmuhammet işan pata berdi. Şondan soň jarça nobat ýetdi. Gyşlagyň kethudasy mähellä ýüzlenip, jarçynyň jar gygyrjagyny toýa gelenlere mälim etdi. Jarçy orta geçip, öwredilen sözleri ýatlap ardyndy, soň sesine bat berip şaňňy sesi bilen gygyrmaga başlady. Ol «Alysdan gelen myhmanlar, garyndaşlar, dost-ýarlar, gyşlagyň ismi adamlary täzelige gulak goýuň how. Bu günki toý Gurbanguly baýyň ogul öýerýän toýy däldir how, bu toý onuň Kümüş diýen gyzynyň täzeden dünýä inen toýudyr how. Bir bendäniň suwsyzlykda şehit bolanlaryň arasyndan gyzjagazy tapyp, ony halas edendigi baradaky toýudyr how. Gurbangula, gyzyň mamasy Hally mama, Kümüşiň didaryny görmek miýesser bolandyr how» diýip bir ýola giň ortany aýlandy.
Bu täzelik ähli mähelläni aýaga galdyrdy. Ýaglyga towusýanlar, göreş tutýanlar, bagşy diňleýänler bar işini goýup jarçynyň daşyna üýşdi. Düşekde oturanlar möjekden ürken mal sürüsi ýaly, dessine aýak üstüne galdy, bir ýere toplandy. Sorag köpdi, emma oňa jogap berýän ýokdy. Gurbanguly baýyň daşyna üýşen özi ýaly geýnüwli birtopar adam ondan bir zady sorap, soň ony gyzynyň tapylmagy bilen gutlaýardylar. Bu ahwalatyň çyndygyna göz ýetirenleriň käbiri, ýakasyna tüýkürýärdi. Olar bu gudrat diýip seslenýärdi.
Gurbanguly daşdan-ýakyndan toýa gelen myhmanlar bilen hoşlaşdy. Olary tizden ogul öýerme toýuna çagyrjakdygyny

ýatlatdy. Kümüş baradaky täzelik diňe Şorarygy däl, eýsem goňşy gyşlaglary-da lerzana getirdi. Gyşlagdyr bazarlarda, çaýhanalarda, garaz köpüň üýşen ýerinde hepdeläp gürrüň diňe Kümüşiň ykbaly barada boldy.

TOÝ

Döwletgeldi daýysy bilen Pakistandan gaýdyp gelende bir aý töweregi wagt geçdi. Megerem daýysy dürli bahanalar bilen ony saklap ýegenininiň şol howsalaly günlerden saplanmagyny islän bolmagy mümkin. Olaryň Pakistandan gelen gününiň ertesi, goýun soýup sadaka berdiler. Şonda şehit bolan Garajyklaryň hatyrasyna Gurhan çykardyp, ony ölenleriň ruhuna bagyş etdiler.
Döwletgeldiniň habary bolmasa-da, toýuň sähedi anyklanypdy, toý desgalary, gerek bolan harytlar taýýardy. Daýysynyň: «Ýegen, bir gün seni öýerip toý tutarys» diýende, Döwletgeldiniň depesinden gaýnagsuw guýlan ýaly boldy. Ol entegem Kümüşe öýlenýändirin öýdýärdi. Bu täzelige birhaýukdan soň özüne gelen Döwletgeldi mölterip daýysyna seretdi-de: «Bu babatda maňa duýdurmadyňyz, daýy!» diýdi. Indi sen ata-eneňiň tapan gyzyna kaýyl bolarsyň, ene-ata ogul-gyzyna hiç wagt ýamanlyk etmez».
— Daýy meniň geljekdäki ýassykdaşym kimiň gyzy, haýsy gyşlagdan bolmaly?
— Men ökde belet däl, ýöne ol gyzyň atasyna Hudaýberdi baý diýýärler. Garinjik tiresinden, gaýrakdaky Şekerek bazar gyşlagyndan, tüçjar baýlaryň biri, ataň bilen gatnaşykly. Soň Döwletgeldi sesini çykarmady, daýysy Öwlüýägulynyň «Ata-eneň saňa ýamanlyk etmez» diýenini oňlap, öz işi bilen boldy. Toý günem ýetip geldi, kejebeler bezelip, düýeler toý lybasyna girdi. Toý kerweni ýola düşdi. Toýda at çapdyryp, altyn gabak atyldy, bagşy diňlendi, göreş tutuldy, ýaglyga towusdylar. Toý diýseň şagalaňly geçdi. Toýa Kümüş-de gatnaşdy. Mamasynyň gözegçiliginde bogursak (çapaty), gatlakly, petir bişirmekde özüni görkezdi. Näçe hyzmat etse-de Döwletgeldä gabat gelmedi. Sebäbi Döwletgeldi taýyndan tazygan mal ýaly, häli onda, häli

munda alňasap ýördi. Tä daýysy: «Ýegen, deň-duşlaryň, pyýadakazylar garaşýar» diýýänçä öýlenýändirin diýibem pikir etmeýärdi. Deň-duşlary ony gyzyň ýanyna barmaga taýýarlady. Pyýadakazylaryň gatnaşmagynda nika gyýdylar.

NIKA

Ýaş çatynjalar, ýanlaryndaky pyýadakazylar bilen tama girdiler. Birsalymdan molla-da içeri girdi. Ol duranlaryň ýanyna gelip, olary gözden geçirdi. Soň öýlenýän Döwletgeldä ýüzlenip «Oglanlyk wekilçiligiňi kime berdiň» diýende Döwletgeldi: «Men öz wekilçiligimi Kadyra berdim» diýdi. Şu sowal-jogap üç ýola gaýtalandy.
Molla «Sen gyzlyk wekilçiligiňi kime berdiň» diýende Oguljemal çalaja eşidiler ýaly «Gurbangüle» diýdi. Bu sorag-jogap-da üç ýola gaýtalandy. Şondan soň molla pyýadakazylara ýüzlenip «Bulara nika gyýyp başlasak, bolarmy» diýende pyýadakazylar «Bolar» diýip jogap berdiler. Molla ýaňyja düşnüksiz sözleri sözläp başlanda tamyň dört burçuna eli gaýçyly dört sany zenan peýda boldy. Bular hamala diýersiň düwünçek döwýärmişler.

DÖWRAN

Döwran çölde üç aýlap goýun bakdy. Onuň uçin üç aýyň her güni ýyla döndi. Ýanowynyň näsaglygy onuň aýak-elini çopançylyk bilen duşady. Oba dolanmak arzuwy bolsa, arzuwlygyna galýardy. Gije-gündiz Kümüş barada pikirlenýärdi, onuň sypatyny göz öňüne getirýärdi.
Kümüşiň ak matanyň ýüzüne tikilen gara iligiň reňki ýaly şar gara gözleri, Aý ýaly, tegelenip duran ýüzi, gür gara gaşlary, hünji ýaly hatarlanyp duran ak dişleri, inçeden uzyn boýy, ýörände göbegini ýelpäp duran iki örüm gara saçlary, Döwranyň göz öňünden gitmeýärdi? Kä gijeler Hakberdi agalara sawçy iýberýärdi, sawçylar «Bereli» diýen habar bilen gaýdyp gelýärdi. Bu habar ony näçe şatlandyrsa-da birden «Galyňyny üzüp alyp bilermikäm, dört ýylyň haky toýa, galyňa ýetermi» diýip oýlanýardy. Atasynyň husyt doganyndan gyşda gar sorasaň-da berjek gumany ýok. Bu adama Gurban sopy-da diýerdiler, ýöne

onuň sopyçylykdan habary ýokdy. Ilde «Agajyň erbedi soky bolar, adamyň erbedi sopy» diýen deňeşdirme-de bar. Bu adam birinde pul teňňe bar bolsa, görübilmän, ýok bolsa, beribilmän heläk bolýanlardan. Atam ýogalanda getiren söwüşini yzyna alyp gidipdi. Ony hemmeler geň görüpdi. Ondan kömek soramak bolmaz. Sekiz geçä dokuz teke diýenleri ýaly, iki sany hakyna tutulan daýhana üç ogly gözegçilik ederdi.
Daýhan öküz bilen ýer sürende manda goýýandyr diýip, sürlen ýerlere syh sokup barlardy. Pazany (ýerdemir) arassalap goýmansyň diýip let baryny bererdiler. Şolar ýaly dogan oglandan näme tama etjek. Öňem bir dana «Hiç hili duşmanym ýok» diýip öwnen birine doganoglanyň barmy diýip sorapdyr. Ol bar diýip jogap berse, onda şondan başga duşman bolmaz» diýipdir. Atam pahyr: «doganymy öý-işik etjek bolup, paý-pyýada ylgadym, ýokdan bar etdim, bu dogulman geçen haramsiýdik ylganlarymyň gadyryny bilmedi. Ol iýenimi awy, geýenimi köpen etdi» diýerdi. Döwran şulary ýatlap, deň-duşum kömek etmese, dogan oglanlarymdan çigit ýaly kömek bolmaz diýip oýlanýardy. Şu arzuwdyr ýatlamalar bilen gümra bolup, günler yzly-yzyna geçýändigini duýmady.
Bir gün ýanowynyň: «Döwran, arma men geldim» diýende, begenjinden iki bolup bilmedi. Şol günem goýunlary sanap ýanowuna tabşyrdy. Soň atlanyp öýüne ugrady. Döwran üç aýy dolduryp, dördünji aýyň başy bilen goýunlary ýanowyna tabşyryp, oba dolandy. Öýdakiler bile sag-amanlyk soraşansoň, horjundan agaç çanaga pür-pür edip salnan gowurmany çykaryp enesine berdi. Ikinji gözünden ýaglyga çigilen kir eginbaşyny öýüň dulunda goýdy. Şondan soň enesiniň «Oglum, gidişiň- gidiş boldy, eglendiň-le diýenine jogap gaýtardy». Ýanowym barmady, keselläpdir. «Näme, çopanyň ahyrymy seniň ýanowyň?». «Baý agamyz goýunlaryny eý görýär, her kime ynanmaýar» . «Kim malyny erbet görýär, jan oglum?!».
«Ýanowym bir aýyň hakyny berjekmiş, ýöne men ony alyp biljek däl, erteki gün men kesellesem o-da menden hak almaz». «Agzyňdan şeýtan alsyn, kesel dagyny ýadyňa-da salma, otur keselleme, oglum. Gel şu gürrüňi goýaly, ýogsa sen her zatlara özüňi deňejek. Döwran çaý-çöregini iýip, dynç almagy ýadyndan

çykardy. Kümüşe duşup bolmazmyka diýip ýerinden turdy. Şol wagt enesi «Erte Gurbanguly baý ogluny öýerip toý edýär. Şu gyşlagyň ýaşaýjylarynyň baryny süpürme toýa çagyrdylar. Atyň ýadawdyr, ýogsa owlak çapdyrjak, şoňa gatnaşsaň bolardy». Dogry atym ýadaw, oňa gatnaşardyň. Olar gelni nireden aljak? Hakberdiniň gyzy Kümüşi alýar. Bu habara Döwranyň endamy tikenekläp, sowuk suwa çümüp çykan ýaly sandyrady. Ilki ýüzi, dura-bara endamy gyzyp oňa otly köýnek geýdirdi. Näme üçindir ýerden ses çykdy, ondan ses çykmady. Lal ýaly mölterip esli oturdy. Birden ýerinden turdy-da, sapandan sypan kesek ýaly, dazlap daş çykdy. Ylgaýşyna atynyň ýanyna bardy. «Men näme üçin bu ýere geldim» diýip özüne sorag berdi. Oňa jogap tapmady. Maňlaýyndaky sowuk deri ýaglygy bilen süpürdi-de: «Baýlar öňürdipdir, günä özümde, kysmata kaýyl bolmasaň, alaç näme?» diýip içini gepletdi.
Enesi oglunyň bolşuny bir hili gördi, «Munuňam şol gyza tamakinçiligi barmyka, wah şolar ýaly gelnim dagy bolsa, oňa ýetesi zat barmy. Oglumyň keçe basandaky bolşuny täsinräk görüpdim. Şol wagt aýdan bolsa, sawçylyga barardym. Indi giç «Tamakin günde gamgyn» diýişleri ýaly, bizem günde gamgyn» diýip Maral daýza özi bilen sözleşdi. Döwran şol gidişine giç agşama çenli öýüne gelmedi, gelenden soňam iýip-içmän, tamyna girip bir günläp ondan çykmady. Ol «Görmäýinem, köýmäýinem» diýen netijä geldi. Gyz onuň ýüreginde öçmejek yz galdyrypdy, ýöne özüniň bidertligi bilen Kümüşi elden gidirenine awunýardy. Indi onuň yşk mülki tozap ýatan çöllüge öwrülüpdi.
Döwran bagryny ýere berip ýatyşyna giç öýlän daşary çykdy. Görse, enesi bilen uýasy Gülendam toýdan gelip çaý içip otyrlar. Enesi «Balam, turduňmy, el-ýüzüňi ýuw-da, saçak başyna gel, ine, saňa-da çaý taýar» diýdi. Döwran ýalynsyz ýanyp, közsüz köýensoň, gara ört bolup saçak başyna geçdi. Uýasy agasynyň Kümüş diýip ýanyp bişýändiginden habarly bolansoň, bu günki toýuň täzeligini aýtmaga gyssandy. «Aga, bu günden beýle gam şerabyny içmäňi bes et, seniň söýgüliň iki ataly boldy. Bolýan işleri pikir edip aňrysyna çykar ýaly däl» diýip ahwalaty oňa beýan etdi.
Döwran uýasynyň gürrüňüni diňledigiçe ýüzi ýagtylyp, on iki

synasy boşaşdy, ýuwaşdan dem aldy. Şol oturşyna käsesindäki çaýyň sowandygyny-da duýmady. Birdenem ör turup daş çykdy. Oglunyň bu bolşuna gözüniň gytagy bilen syn edip oturan Maral agzyna salan nanyny çala çeýnäp ýuwutdy. Nan aňyry geçmän, bir ýerde saklandy, ony hynçgylowuk tutdy. Gyzyl ödekde dykyn bolan nany çaý owurtlap aňry geçirensoň, gözüniň ýaşyny esgisi bilen syrdy-da: «Elhepus, tas ölüpdim» diýip haşlap dem aldy. Soň ol oglunda ýene yşk odunyň ýalynlap başlanyna begenip, gyzyna seredip ýylgyrdy. Bu bolsa «Seret oňa, süňňi ýeňledi» diýdigidi.
Döwran şol örleýşine iki bökende Kümüşleriň howlusynyň gabadyna bardy. Durup öz bolşuny birhili gördi, sebäbi ak balak, ak köýnek aýagynda gowaldan geýen ökjesi nally köwşi, kellesinde goýun bakanda geýip ýatýan şypyrmasy, soň ol bu bolşum däl diýip yza dolandy. Birden pelek çyrmap yşk ody çabrap başlansoň, bütinleý özüni ýitirip, baran ýerini, goýan zadyny bilmän, alňasap ýördi. Ol ýene tamyna girdi, ýatdy-turdy, gezmeledi, emma näme barada pikir edýändigini özi bilmedi. Kümüşi-de ýatlamady, begenmedi ýa-da gynanmady, özüni birgiden boşlukda oturan ýaly duýdy. Şol oturşyna sessiz-üýnsiz näçe wagt oturany belli däl. Ol düýş görüp oýandy. Görse, oturan ýerinde keçäniň üstünde ýassyksyz zatsyz gyşaryp uklapdyr. Turanda üstüne ýatan aýagy gurşup özüni götermedi. Kellesi güwläp gören düýşi ýadyndan çykdy.
Enesiniň «Şam namazynyň wagty boldy oglum» diýeni jyzlanyň sesi ýaly duýuldy. Oňa jogap gaýtarmazdan şypyrmasyny ýassyk edip, ýene gyşardy-da hor çekip uklady. Enesi oglunyň bu bolşuny halamady, muňa kakyn-silkin ýolugypdyr diýip, iswent (üzärlik) tütetdi.
Döwran şol ýatyşyna süňňi ýeňläp oýandy. Irki namazyny okady. Günler, hepdeler garaşman yzly-yzyna geçip dur. Kümüş bilen duşup, gepleşmek arzuwy bolsa hasyl bolmaýardy. Söýgülisi hakyky atasyny tapandan bäri meýdan okaja çykmaýardy. Döwran näçe gyssansa-da Kümüşe duşup bilmedi. Ahyry kellesine uýasyny ibermek pikiri geldi. Barmak üçin bahana tapmaly, o-da ýok, nätmeli? «Sabyrlynyň soňy sary altyn» diýipdirler. Gel, hany, sabyrly bolaýyn» diýip ýören wagty, Gurbanguly baý ogluny

öýerip, toý tutýar diýen habar gyşlagda agyzdan-agyza geçdi.
Erte toý diýen güni gyzlar-gelinler toýa taýýarlyk işlerini geçirdiler. Şonda Gülendam ýagdaýyny tapyp, Kümüşe öz matlabyny duýdurdy. Kümüş ilki nägile boldy, soň ýüzi ýagtylyp, bir zat diýmekçi boldy, emma saklandy. Soň ol «Toýdan soň bize gel» diýdi-de öz işi bilen boldy. Toý sowlan gününiň ertesi Gülendam Kümüşlere bardy. Ol Kümüşe agasynyň köýüp bişýändigini, gije-gündiz diňe ol barada oý-pikirdedigini aýdanda Kümüş ýylgyrdy. Ol meni entek ýadyndan çykarmandyr diýip oýlandy. Gülendam Kümüşe tiz sawçy iberjekdigini aýdanda, Kümüşüň ýüzi gyzardy, elleri titredi.
Bu bolan gürrüňden soň, Kümüş Gülendamy ugratmak üçin daş çykdy. Daşarda çopanyň kiçi ogly, Berdimyrat bulara gabat geldi. Ol birsalym aňkasy aşan ýaly, gyzlara seredip durdy. Kümüş Gülendamy uzadyp içeri girende, Berdimyradam yzyndan girdi. Ol depikden «Ýaňky päkize gyz kimlerden» diýip uýasynynyň ýüzüne jikgerildi.
— Ol Maral daýzanyň gyzy, atasynyň adyny bilmedim, birwagtlar aradan çykypdyr.
— Bildim, Döwran çopanyň uýasy bolmaly onda şol gyz. Onuň ady näme?
— Ady Gülendam, tahýa tikmekde şu gyşlakda şondan öňe çykan gyz ýok.
— Men oňa atam üçin tahýa buýurdym, ýüplerini berdim.
— Goý, ol ilki tahýany maňa tikip bersin — diýip, Berdimyrat ýylgyrdy. Kümüş agasynyň bu ýylgyryşynda gyza bolan söýginiň oýanandygyny çak edip, «Haladyňmy ol gyzy, diýseň owadan gyz, pisindiň oturan bolsa, sawçy ibereli» diýip degişdi.
— Dogry aýtdyň, uýam, Gülendama meniň maňzym otyrdy. Men ata-eneme meni öýlendiriň diýmekden ejap edip, sesimi çykaryp bilemýok. Indi sen uýalygyňy et, ilki enem bilen bu barada gepleş.
— Bolar, aga, gürrüňi bolmaz, usullyk bilen eneme duýduraryn, hany göreli, näme diýerkä?!
Kümüş şol gije enesiniň ýeke galan wagty agasynyň möhümini enesine beýan etdi. Enesi bu gürrüňi sowuk-sala diňledi. Sebäbi Kümüşi özüne gelin etmek baradaky oýlanmalaryny

adamsyna duýduranda, äri: «Aňyň gaçypdyr heleý, ýene başga ýerde sesiňi çykarama, aýyp bolar» diýip käýýäpdi…
Şondan soň Bosdan ilkinji pikirinden dändi. Indi ol Kümüşi çykaryp, ogluny öýermegi ýüreginiň bir burçuna düwdi. Haçanda Bosdan oglunyň öýlenmek maksadynyň köräp başlanyny bilende, tizden-tiz Kümüş üçin sawçy gelerine garaşdy. Näme üçindir Gurbanguly baýyň gyzydygyndanmy, ýa-da bu waka gyşlagda uly zenzele turuzanyndanmý gyzy sorap sawçy gelmedi. Döwran «Sawçylyga kimi ibereris?» diýende enesi: «Ýakyn garyndaşlaryňdan ataňyň süýtdeşi Gurban bar, ýöne ondan zyýan gelmese, peýda gelmez. Iň gowuşy oňa bu barada duýdurmaly. Ataň ýogalanda Gurban özüne adajak bolup gowga turuzypdy. Siz bolsa ýaşdyňyz. Maňa kömek eden daýyň boldy, bizi öz ýanyna göçürip eltdi. Siz ulalýançaňyz bize eýýe boldy. Dek bu gün daýyňam ýok, o-da älemden ötdi. Şonuň üçin özüm giderin, atañam-eneňem- garyndaşyňam men, menden başga howandaryň ýok» diýip Maralyň özi gitmeli boldy. Hepde-on gün geçende Maral daýzanyň ýeke özi sawçy hökmünde Hakberdi agalara gitdi. Ýaýdana-ýaýdana olara matlabyny beýan etdi.
Hakberdi aganyň aýaly rozygüräniň näderejedigini, erkek göbekli näçe, zenan näçe, hojalygy kim ekleýär, baryny sorap ap-aýan etdi. Şondan soň «Garyp köňli näzik bolar» diýipdirler, bular özüm ýaly garyplardan ekeni, göwnüne degmäýin, nesibe şularyňky bolsa, guda bolaryn» diýip oýlandy. Ahyry, «Meniň adamym bar, şondan bigeňeş söz berip biljek däl» diýip sawçyny yzyna gaýtardy.
Ertesi günortan Gurbanguly baýyňka baryp «Kümüş üçin sawçy geldi, hakyky atasy sen, eger men gelenler bilen guda bolsam, oňa siziň razylygyňyz gerek». Gurbanguly baý: «Tapdyň, eklediň, sakladyň, terbiýelediň, gyz siziňki, kime, haçan, nirä çykarsaňyzam dawam ýok» diýdi. Şondan soň Hakberdi çopanyň göwrümi giňäp: «Ýagşy ata bir gamçy, ýaman ata müň gamçy» diýipdirler. Gör, bu baýyň ýagdaýa diýeniňden düşünişini, nädersiň iňňe bilen guýy gazan ýaly çintgäp dursa, etjek alajyň ýok» diýip pikir ýöretdi. Çopan habaryny keýwanysyna aýdanda, kempiri guda boljaklar gyzyň galyňyny wagtynda töläp bilermi?» diýip adamysynyň ýüzüne seretdi. Gep-

sözüne görä, galyňly mesele çözülen bolmaly, bu işleriň ahyry gelsin, kempir. Soňam «Az bolsun, saz bolsun» diýilen ýeri bar. Galyňy azrak bolanda-da bolar. Bu gepe Bosdan gözüni petredip, äriniň ýüzüne seretdi. «Atasy, sizem birkysmy öz-ä, hiý galyňy az alyp bolarmy, il eşitse, näme diýer». «Näme diýseб şony diýsin». «Waý-eý diýýäniňiz näme, atasy? Il «Bularyň gyzy aýyply, şonuň üçin galyňyny az aldylar» diýse, saňa ýakarmy? Ýakmaz. Onda galyňy az alma:ly, erte-birigün Berdimyrady bizem öýermeli». «Hemmesiniň bir hasaby bolar, kempir, perwaý etme, bokurdagy Alla deşendir. Soňam gyzyň galyňyndan baýlyk bolmaz, keýgim, gel, bes et, şu gürrüňi». Şondan soň Bosdan içini çekip sem boldy.
Är-aýalyň arasynda bolan gürrüňiň ertesi Maral daýza ýene Hakberdi çopanyňka geldi. Bu saparky geliş, özi bilen «Bereli» diýen şatlykly habary alyp gitdi. Soň Döwran dagynyň hojalygy toýa taýýarlanyp başlady. Kümüşiň razylygyny almazdan, bereli diýmeklik şol wagtyň kada-kanunyna dogry gelýärdi. Durmuş gurýan gyzdan razylyk soralmaýardy. Şonuň üçin Kümüş durmuş gurjak ýerini bilse-de, bilmezlige urdy. Hepde-on gün diýende Gülendam Kümüşlere bardy, alnan kümüş, tylla şaý-seplerinden ysyrgany görkezdi. Halan-halamadygyny sorady. Kümüş şu şaý-sepiň düýbünden gerek däldigini aýtdy. Şol gün Bosdan daýza Gülendamyň sypatyna seredip, ony halady. Soň Kümüşe: «Şu gyzy agaňa alyp bersek, neneň görýärsiň» diýdi.
Kümüş ýylgyrdy, «Şeýtseňiz, tüýs ýerine düşjek!» diýip, ýene güldi. Bosdan daýza içinden: «Başa-baş etsek, hijimiz utuljak däl, şonam ederis» diýip oýlandy. Agşam il ýatyp, it uklanda, äriniň ýanyna bardy. Özüniň oý-pikirlerini oňa mälim etdi. Hakberdi çopan keýwanysy bilen ylalaşdy.
Şeýdip, Bosdan Maral daýzalara geldi. Öz matlabyny beýan etdi. Bular sözsüz-söhbetsiz razylaşdylar. Iki tarapda hem toýa taýýarlyk işleri ýaýbaňlandy. Sähetli günleriň birinde ilki Döwran öýlendi. Kümüş gelen gününden başlap, şu hojalygyň ojagynyň eýesi boldy. Ol daýysyna-da, gaýyn enesine-de mähir bilen seretdi.
Hepde geçirip, Berdimyrady öýerdiler. Bu juwanlar jan saglykda, eşretli durmuşda, eriş-argaç bolup, el-ele, ýan-ýana

berip uzak ömür sürdüler. Toýlaryň ikisi-de şatlykly, dabaraly geçdi. Bu toýlar barada gyşlagda, köp wagtlap gürrüň etdiler…

DÜŞÜNDIRIŞLER:

Tanap – ýer ölçegi 0.22ga. deň.
Syhça-egin-eşik asar ýaly pagsa urlan agaç taýajyk.
Deraýy gyzyl-Erşi gyzyl, argajy ýaşyl ýüpek mata.
Muşt-Ýumruk
Güpbelçek-kümüşden ýasalan şaý-sep,
Paýapyl-arykdan iki tarapa geçmek üçin ýatyrylan balar ýa-da tagta.
Hekgal-türkmeniň milli oýny.
Möwrit-wagtynda, gününde.
Äht-wada, kasam
Rupiýa-kümiş (Hindileriň pul birligi).
Hepbik-guş tutmak üçin ulanylýan agaçdan ýasalan gural.
Böwürçi-toýda, saçaklary gözden geçirýän aýal.
Sypa-laýdan galdyrylan beýiklik.
Töwrat-isaýy we ýehudy dinleriniň mukaddes kitaby.
Boýra-gamyşakdan dokalýan düşek. Kytmyr-ownuk.
Bezm-gyz-gelinler bilen meýlis guramak.
Zaňňar-şeýtanlyk bilen işiňi görýän kezzap.
Baýkabak-jelephana.
Pelle-tereziniň çanagy
Tüfdän-nas tüýkürilýän misden bolan okara.
Möwrit-wagt, wagtynda.
Mähetdel-sabyrsyz garaşmak.
Hydyrata pygamberleriň biri, bijeset göze görünýän salgym.
Ezraýyl-Allanyň buýrugy bilen jan alýan perişde.
Pany-Şu dünýä.
Darga-gaýyk sürýän adam (kapitan).
Hammal-ýük göterýän, daşaýan adam.
Zyndan-ýeriň aşagynda tussag saklanýan otag.
Teperrik-dadymlyk.
Kätip-hasaby hatda ýöredýän adam.
Işgil-tussagyň aýagyna urulýan demir zynjyr (gulplanýar).

Ammal-egni bile ýük çekýän adam.
Rupiýa-Hindistanyň pul birligi (kümüş).
Ýene ýyl-alymyzdaky ýyl, geljek ýyl.
Körpenje-çölde owlak-guzy salynýan çukur.
Balhy-içi syrçaly küýzä meňzeş daş gap.
Çyrapaýa-ýörite çyra goýmak üçin ýasalan agaç gural.
Gurruk-taşlanan çukur, guýy.
Jyk-pagtany çigidinden aýyrýan agaç gural.
Antguýy-owganlaryň bir şäheri.
Eset-iýýul.
Epgek-yssy, tapbat ýel.
Läilähä illalla ýahu – ýa – hak -Alladan başga Hudaý ýok.
Hanaka-Derwüşhana.
Zikir çekme-Derwüşleriň hanakada toplanyp Allany ýatlap aýdym, zikir aýtmaklary.
Haş-haş-Göknar.
Togsabaý-ak patyşanyň harby gullugynda polkownik çinine deň.
Tutam-taýagy tutanda dört (4) barmagyň ini.
Reb-Alla.
Gowa-çöldäki çukur guýydan suw çekmek üçin öküz derisinden ýasalan bedre gömüşli gural.
Peýgabaşy-suw çekýän düýäniň ýöreýän ýoly.
Çekiç-Saýat etrabynda bir oba, urug.
Ytygsama-arryklama, horlanma.
Hut-fewral
Merthana-çopanlar üçin ýerden gazylýan çukur.
Hamal-mart aýy.
Sowur-aprel aýy.
Hunaba-ganly suw.
Garagulbegi-Buhara emirliginde kapitan çinine deň.
Serimsal-kelle düwüp pikirlenmek, haýran galmak.
Derhal-hökman.
Çerimger-sygyr hamyndan teietin taýarlaýan adam.
Heder-ätiýaç, çekinmek.
Halpal-hapysa.
Lütjek- basybalyjy, galtaman
Hufdan-garaňky aralaşan wagt.

Akrap-oktýabr.
Gaýra gyra-Amynyň sag kenary.
Ezeke-geýýän egin eşigiň ýakasy.
Çandyr-Garşy welaýatyna degişli oba.
Haraý-kömek.
Nä dereje-nä hilde.
Derýanyň ilerisi-Amynyň çep kenary.
Hüjre-medreselerde talybyň ýaşaýan jaýy (kiçi).
Gamaça-garşy welaýatyndaky oba.
Topbaz-topba meňzeş kiçijik gazan.
Yşnak-göwni bilen, has ýakymly.
Hamýap-Owgana degişli türkmenleriň ýaşaýan etraby.
Ýoýmak-bulaşdyrmak.
Mysgal-4,266 gram altyn şaýylyk. Mysgalyň agramy dürli döwletde dürlüdir. Müsürde 4,68 gr., Eýranda 4,60 gr., Buharda 5 grama deň bolupdyr. Mysgal bilen kümüş, tylla, tiýek ölçelipdir.
Budar-kiçi gaýyk.
Jemhuryýet-respublika.
Çiştopbular-serhedi saklaýan sowet esgerleriniň geýýän başgaby.
Myrahyr-Buhara emiriniň berýän harby çini, ak patyşanyň polkownik çinine deň.
Nowa-ýörite ekin meýdanlaryny ýakmak üçin içi oýulyp ýasalan agaç gural. Romanlar